# «Ýene-de daň atdy…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Ýene-de daň atdy…" “ÝENE-DE DAŇ ATDY…”



*Şahyr Azat Rahmanowa*
Daň atdy ýene-de Hudaýa şükür,
Gözüm düşdi älem-jahan bossana.
Ýene-de dil açdy şahyr lirasy,
Eý, ötegçi, bir dem gulak assana.

Gözlerim eglendi daglarda, düzde,
Röwşendir gözüňe gören zatlaryň.
Bu dünýäde ýaşanyňy bagt bil,
Halyndan habar al ýakyn-ýatlaryň.

Gün ýaşýar, Gün dogýar, sen ýaşap ýörsüň,
Sen Häkimi geldi-geçer dünýäniň.
Sür döwrany, bu gün döwran seniňdir,
Ýöne unutmagyl ýere siňýäniň.

Daň atdy ýene-de Hudaýa şükür,

Gözüň düşdi älem-jahan bossana.
Ýene-de dil açdy şahyr lirasy,
Eý, ötegçi, diňlemäge gyssan-a!…

16.08.2024. Goşgular